TÜRKMENISTANYŇ BILIM MINISTRLIGI
TÜRKMENISTANYŇ MILLI BILIM INSTITUTY

# INFORMATIKA 7

Türkmenistanyň orta mekdepleriniň VII synplary üçin interaktiw-multimedia elektron gollanmasy

AŞGABAT 2014

**Programmalaşdyrma dilleri**

**Programmalaşdyrma dilliniň iş penjiresi**

**Programmanyň gurluşy**

**Programmany ýüklemek we saklamak**

Kesgitli meseleleri çözmek üçin ýörite programmalaşdyrma dilinde *buýruklaryň yzygiderligini taýýarlamak* işine **programmalary düzmek** ýa-da **programmalaşdyrma** diýilýär

**Programmalaşdyrma dili** kompýutere *düşnükli sözleriň, ýörite belgileriň we buýruklaryň* toplumyndan ybaratdyr.

# Pascal programmalaşdyrma dili

Pascal dilinde *programma* üç sany belgiler toparynyň kömegi bilen ýazylýar.

**Latyn harplary:**

A B C D E F G H I J K L M N O P Q R S T U V W X Y Z

**Sifrler:**

0 1 2 3 4 5 6 7 8 9

**Ýörite belgiler:**

+ - * / {} . , ; : " ^ = > < ( ) [ ]

***Düzme belgiler*:**

:= <>>= <= .. (. .) (* *)

Klawiaturanyň kömegi bilen programma kompýuteriň ýadyna girizilýär. Şondan soň olary kompýuter nullardan we birlerden ybarat maşyn diline geçirýär. Bu işi programmalaşdyrma sistemasynyň düzümindäki dil prosessory (***kompilýator***) ýerine ýetirýär.

# Programmanyň gurluşy

Pascal programmalaşdyrma dilinde *programma* aşakdaky görnüşde bolýar:

**Program** <programmanyň ady>;

<berlenleriň beýan edilýän bölümi>;

**Uses crt;**

**Begin**

<buýruklar bölümi (programmanyň esasy bölegi)>;

**End.**

# Pascal dilinde programmanyň ýazylyşy

Ekranda teksti çap edýän programma

**Program** tekst1**;** *{Programmanyň sözbaşysy}*
**Begin** *{Programmanyň başlangyjy}*
**Write** *('Pascal dilindäki ilkinji programmam');*
**End.** *{Programmanyň soňy}*

Pascal programmalaşdyrma dilinde degişli operatoryň ýazgysyndan soň nokatly otur ( ; ) belgisi goýulýar.

**Begin** hyzmatçy sözünden soň nokatly otur goýulmaýar.

**Write** buýrugy ýaýlarda apostrofa ( ' ' ) alnan teksti ekranda çap edýär.

Programma **End** sözi bilen tamamlanýar. Bu sözden soň nokat ( . ) belgisi goýulýar.

**Bellik:** Programmanyň tekstinde setir ýa-da baş harplary ulanmak bolar.

# Paskal programmalaşdyrma diliniň penjiresi



## Pascal ABC dilini̇ň penjiresi bilen işlemek

Täze faýl döretmek üçin, aşakdaky buýruklary yzygiderli ýerine ýetirmeli.

**1.Файл** menýuny saýlamal.

**2.Новый** buýrugy saýlamaly.

*Ekranda* ***Program1.pas*** *atly redaktoryň boş penjiresi peýda bolar. Programmanyň adyny ulanyjy öz islegine görä üýtgedip biler.*

**3.**Redaktoryň penjiresinde programmanyň tekstini ýazmaly.

**Programmany saklamak we ýüklemek**
Redaktoryň penjiresinde ýazylan programmany saklamak üçin:
**Файл→Сохранить как…**→<faýlyňady>→**Сохранить** buýruklaryň yzygiderligini ýerine ýetirmeli.
Diskdäki faýldan programmany operatiw ýada ýüklemek üçin:
**Файл→Открыт**→<gerekli faýly saýlamaly>→**Открыт** buýruklaryň yzygiderligini ýerine ýetirmeli.

# PROGRAMMANY IŞE GOÝBERMEK

Programmany işe goýbermek üçin: **Программа→Выполнить** (ýa-da **F9** klawişi basmaly) buýruklaryň yzygiderligini ýerine ýetirmeli.

Eger programmada ýalňyş ýok bolsa, onda onuň netijesini ekranda görüp bolýar.



**Pascal ABC** sistemasy ***sintaktiki*** we ***logiki*** ýalňyşlar tapawutlandyrýar. *Buýruk nädogry ýazylsa, apostrof ýa-da nokatly otur goýulmasa,* ***Begin, End*** *hyzmatçy sözler ýok bolsa, programmanyň soňunda nokat belgisi ýok bolsa we ş.m.* sintaktiki ýalňyş hasaplanýar.



# Interaktiw-multimediýa elektron gollanmany taýýarlanlar:

**Saryýew Döwran**
**Ataýew Kakageldi**
**Garýagdyýew Orazberdi**